***Şu ýylyň ýanwar aýynyň 5 — 7-si aralygynda ýurdumyzyň etrapdyr şäherlerinde «Beýik işler bilime daýanýar, bilim bolsa terbiýe bilen geçmeli gymmatlykdyr» diýen şygar bilen bilim işgärleriniň usuly-amaly okuwlary guramaçylykly geçirildi. Usuly-amaly okuwlarda kämil, edep-terbiýeli ýaşlary kemala getirmek boýunça bilim işgärleriniň öňünde duran wezipeleri durmuşa ornaşdyrmagyň iş tejribeleri barada giňişleýin söhbet edildi. 2025 — 2026-njy okuw ýylynyň birinji ýarymynyň jemleri we ikinji ýarymynda ýerine ýetirilmeli işler ara alnyp maslahatlaşyldy.***

Usuly-amaly okuwyň esasy maksady — tejribe alyşmak, öňdebaryjy iş tejribäni ýaýratmak we okatmagyň dünýä ülňülerine laýyk gelýän nusgalaryny bilim işine ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Okuwlaryň dowamynda ösüp gelýän ýaş nesle ata-babalarymyzyň öwüt-ündewleri esasynda bilim-terbiýe bermegi has-da kämilleşdirmegiň milli bilim ulgamynyň esasy wezipesidigini, bilim özgertmelerini işjeňleşdirmek, «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny» durmuşa geçirmekde mekdebe çenli çagalar edaralarynyň pedagogik işgärleriniň öňünde duran wezipeler baradaky çykyşlar diňlenildi.

Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň bilim işgärleri hem bu okuwlara işjeň gatnaşdylar. Degişli temalar boýunça dürli çykyşlar ýerine ýetirildi, öňdebaryjy iş usullary we toplanan tejribeler ara alnyp maslahatlaşyldy. Okuwlaryň dowamynda edilen çykyşlaryň elektron görkezme serişdeleri arkaly mazmunlaşdyrylmagy has täsirli boldy. Pedagogik işgärleriň iş usullaryny we tejribelerini artdyrmakda, öňdebaryjy iş tejribäni ýaýratmakda, bilimleri artdyrmakda we ýaş nesle mynasyp terbiýe bermek, sowat öwretmek işlerini mundan beýläk hem kämilleşdirmekde ýanwar okuwlarynyň ýokary ähmiýeti okuw-terbiýeçilik çärelerine öz mynasyp täsirini ýetirer.

2025 — 2026-njy okuw ýylynyň ikinji ýarymýyllygy düşümli bolsun! Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň, halkymyzyň bagtyýar we eşretli durmuşda ýaşamagynyň bähbitlerine alyp barýan ähli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Gülsenem AMANOWA,**
**Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap bilim bölüminiň hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 10.01.2026